**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**

**K A R A R Y**

«23» Alp Arslan 2002 ý. № 5835 Aşgabat ş.

# Döwlet emlägini peýdalanmagyň tertibini kämilleşdirmek hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2002 ý., № 8, 413-madda)

(Türkmenistanyň Prezidentiniň 01.11.2019 ý. çykaran № 1452 karary esasynda girizilen üýtgetmeler bilen)

Döwlet emlägini peýdalanmagy tertipleşdirmek we onuň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin:**

Birinji, ikinji, üçünji, dördünji bölekleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 01.11.2019 ý. çykaran № 1452 karary esasynda güýjüni ýitiren diýip ykrar edilen.

5. Döwlet emlägini kärendä, emlägi kireýine bermek, satyn almak satmak ýa-da başga ýagdaýda aýrýbaşgalamak meseleleri boýunça asuda hak islegi arzalary berlen mahaly Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligini döwlet pajyny tölemekden boşatmaly.

Altynjy bölegi Türkmenistanyň Prezidentiniň 01.11.2019 ý. çykaran № 1452 karary esasynda güýjüni ýitiren diýip ykrar edilen.

7. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi:

Türkmenistanyň Ýustisiýa ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň ulanylýan kanunlaryna şu karardan gelip çykýan üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary girizmek baradaky teklipleri taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hödürlemeli;

pudaklaýyn kadalaşdyryjy hukuk namalaryny şu karara laýyk getirmeli.

8. «Döwlet emlägini kärendä bermegi tertipleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň Nowruz aýynyň 3-ne çykaran № 4599 kararyny;

«Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň Nowruz aýynyň 3-ne çykaran №4599 karary bilen tassyklanylan, Döwlet emlägini kärendä bermegiň tertibi hakyndaky Düzgünnama goşmaça girizmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 31-ne çykaran № 4820 kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

9. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary E.G. Ataýewa we welaýatlaryň, şäherleriň hem-de etraplaryň häkimleri gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Saparmyrat Türkmenbaşy** |